Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministriniň 2022-nji ýylyň 30-njy iýunynda çykaran 175-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

**Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine hünär derejelerini bermegiň tertibi we şertleri**

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine hünär derejelerini bermegiň tertibi we şertleri (mundan beýläk - Tertip) 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen "Bedenterbiýe we sport hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 60-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy hem-de bedenterbiýe we sport hünärmenlerine hünär derejelerini bermegiň tertibini we şertlerini kesgitleýär.

2. Hünär derejelerini bermekligiň esasy maksady bedenterbiýe we sport hünärmenleriniň hünär ussatlygyny, olaryň türgenleri taýýarlamak we terbiýelemek boýunça jogapkärçiligini, işine bolan ukyplylyk derejesini ýokarlandyrmak, şeýle hem olaryň jemgyýetdäki tutýan ornuny we abraýyny ýokarlandyrmak hem-de çeken zähmetlerini ahlak we maddy taýdan höweslendirmek bolup durýar.

3. Şu aşakdaky bedenterbiýe we sport hünärmenlerine hünär derejeleri berilýär:

1) tälimçi-mugallymlara;

2) instruktor-usulyýetçilere (metodistlere) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenlerine.

4. Tälimçi-mugallymlara, instruktor-usulyýetçilere (metodistlere) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenlerine (mundan beýläk – bedenterbiýe we sport hünärmenleri) şu aşakdaky hünär derejeler berilýär:

1) ýokary hünär derejesi;

2) birinji hünär derejesi;

3) ikinji hünär derejesi.

5. Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine hünär derejeleri Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministriniň buýrugy bilen döredilýän Bedenterbiýe we sport hünärmenleriň hünär synagyny geçirmek boýunça topar (mundan beýläk – Topar) tarapyndan geçirilýän hünär synagynyň netijeleriniň esasynda berilýär.

6. Toparyň düzümi täk sandan ybarat bolup, onuň düzümine Toparyň başlygy, şol toparyň başlygynyň orunbasary, agzalary we onuň kätibi girýär.

**II bap. Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine hünär derejelerini bermek boýunça hödürlenilýän resminamalary seljermek**

7. Bedenterbiýe we sport hünärmenleri hünär synagyna hödürlemek üçin bedenterbiýe we sport guramalaryň, sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryň hem-de bedenterbiýe we sport babatda ýerli ygtyýarly edaralaryň ýolbaşçylary tarapyndan degişli tertipde Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine (mundan beýläk - Ministrlik) aşakda görkezilen resminamalar hödürlenilýär:

1) tälimçi-mugallymlar babatda:

a) hödürnama;

b) häsiýetnama;

ç) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň (pasportyň) nusgasy;

d) hünär derejesini ýokarlandyrmak bilen bagly gurnalýan okuwlary (seminar-maslahatlary) geçendigini tassyklaýan resminamanyň 2017-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul edilen "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji maddasynda bellenilen tertipde şaýatlyk edilen nusgasy (şu resminama ýokary hünär derejesine hödürlenýän tälimçi-mugallymlara degişlidir);

e) zähmet depderçesiniň şu bölegiň 1-nji bendiniň "d" kiçi bendinde görkezilen tertipde şaýatlyk edilen nusgasy;

ä) tälimçi-mugallymlaryň türgenleri taýýarlandygy hakynda kepilnama (şu Tertibe 1-nji goşundy);

f) ýaryşlaryň teswirnamalarynyň şu bölegiň 1-nji bendiniň "d" kiçi bendinde görkezilen tertipde şaýatlyk edilen nusgasy;

g) öňki berlen hünär derejesiniň şahadatnamasynyň şu bölegiň 1-nji bendiniň "d" kiçi bendinde görkezilen tertipde şaýatlyk edilen nusgasy (şu resminama öň hünär derejesi berilmedik tälimçi-mugallymlara degişli däldir);

2) instruktor-usulyýetçiler (metodistler) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenler babatda:

a) hödürnama;

b) häsiýetnama;

ç) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň (pasportyň) nusgasy;

d) hünär derejesini ýokarlandyrmak bilen bagly gurnalýan okuwlary (seminar-maslahatlary) geçendigini tassyklaýan resminamanyň 2017-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul edilen "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji maddasynda bellenilen tertipde şaýatlyk edilen nusgasy (şu resminama ýokary hünär derejesine hödürlenýän instruktor-usulyýetçilere (metodistlere) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenlere degişlidir);

e) zähmet depderçesiniň şu bölegiň 1-nji bendiniň "d" kiçi bendinde görkezilen tertipde şaýatlyk edilen nusgasy;

ä) öňki berlen hünär derejesiniň şahadatnamasynyň şu bölegiň 1-nji bendiniň "d" kiçi bendinde görkezilen tertipde şaýatlyk edilen nusgasy (şu resminama öň hünär derejesi berilmedik instruktor-usulyýetçilere (metodistlere) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenlerine degişli däldir).

8. Hödürlenilen resminamalaryň we maglumatlaryň doludygy hem-de dogrudygy şol resminamalaryň hödürlenen gününden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda Ministrlik tarapyndan barlanylýar.

Hödürlenilen resminamalar göwnejaý ýagdaýda resmileşdirilmedik ýa-da resminamalaryň doly bolmadyk toplumy berlen, resminamalarda ýalňyşlyklar ýüze çykarylan halatlarynda resminamalar toplumy 3 (üç) iş gününiň dowamynda bedenterbiýe we sport guramasyna hem-de sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryna düzetmek üçin yzyna gaýtarylýar.

9. Resminamalar talabalaýyk hödürlenen ýagdaýynda, Ministrlik tarapyndan şol resminamalar babatynda barlamak işi tamamlanan güni Topara geçirilýär.

## III bap. Hünär synagyny geçirmegiň tertibi

10. Hünär synagyna göýberilýändigi barada bedenterbiýe we sport hünärmenlerine bedenterbiýe we sport guramalarynyň, sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryň hem-de bedenterbiýe we sport babatda ýerli ygtyýarly edaralaryň üsti bilen hünär synagynyň geçiriljek güni, wagty we ýeri barada habar berilýär.

11. Hünär synagyny geçirmegiň senesi şu sebäpler boýunça başga güne geçirilip bilner:

1) saglygy goraýyş edarasynyň resminamasy bilen tassyklanylan ýarawsyzlyk netijesinde bedenterbiýe we sport hünärmeniň gatnaşyp bilmedik ýagdaýynda;

2) bedenterbiýe we sport hünärmeni tarapyndan hünär synagyny başga güne geçirilmegini haýyş edip, resmi taýdan habar edilen ýagdaýynda;

3) beýleki esasly sebäpler bilen bagly ýagdaýlarda.

12. Hünär synagy, synaga goýberilen bedenterbiýe we sport hünärmeni bilen dilden we/ýa-da ýazmaça sorag-jogap görnüşinde geçirilýär.

13. Toparyň mejlisi, eger oňa agzalarynyň 2/3 böleginiň gatnaşan ýagdaýynda, hünär synagy geçirmeklige we synagyň jemleri boýunça çözgüt kabul etmeklige ygtyýarly hasap edilýär. Toparyň ähli çykarýan çözgütleri, toparyň mejlisine gatnaşýan agzalarynyň açyk ses bermeginde, sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Ses berlen mahaly synagdan geçýäniň iş döwri, iş tejribesi, häsiýetnamasy we hödürnamasy, zehini, şeýle hem ozalky alan hünär derejesi (bar bolan ýagdaýynda) nazara alynýar.

14. Topar tarapyndan kabul edilen çözgüt barada Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine bedenterbiýe we sport guramalarynyň, sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalaryň hem-de bedenterbiýe we sport babatda ýerli ygtyýarly edalaryň üsti bilen ýazmaça görnüşinde Toparyň kätibi tarapyndan 2 (iki) iş gününiň dowamynda habar edilýär.

15. Topar tarapyndan bedenterbiýe we sport hünärmenine hünär derejesini bermek ýa-da bermekden ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edilýär. Toparyň çözgüdi teswirnama görnüşinde resmileşdirilýär.

16. Toparyň her bir kabul eden çözgüdine mejlise gatnaşýan Toparyň ähli agzalary tarapyndan gol çekilýär we Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministri tarapyndan tassyklanylýar.

17. Toparyň mejlisi şu halatlarda geçirilmeýär:
1) hünär synagyna bedenterbiýe we sport hünärmeni gatnaşmasa;
2) hünär synagyna gatnaşmazlygynyň sebäplerini tassyklaýan resminamany görkezip bilmese;
3) bedenterbiýe we sport hünärmeni hünär synagyndan geçmekden ýüz dönderse.
18. Hünär synagyna esasly sebäpler bolmazdan gatnaşmadyk ýa-da gatnaşmazlygyny tassyklaýan resminamalar berilmedik halatynda, bedenterbiýe we sport hünärmeni hünär synagyndan geçmedik diýlip hasaplanylýar hem-de Topar tarapyndan hünär synagyndan geçmändigi barada çözgüt kabul edilýär.

## IV bap. Hünär derejelerini bermek

19. Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine hünär derejelerini bermek Hünär synagynda bedenterbiýe we sport hünärmenlerine bildirilýän talaplara (şu Tertibe 2-nji goşundy) laýyklykda amala aşyrylýar.
20. Hünär derejeleri berlende bedenterbiýe we sport hünärmenlere hünär derejelerini bermegiň yzygiderlilik ýörelgesi berjaý edilmelidir, ýagny ikinji hünär derejesi bolmadyk bedenterbiýe we sport hünärmeni birinji hünär derejä, birinji hünär derejesi bolmadyk bedenterbiýe we sport hünärmeni ýokary hünär derejä hödürlenilmeýär.
21. Aýratyn halatlarda, Olimpiýa oýunlarynda baýrakly orunlara we Aziýa oýunlarynda 1-nji orna mynasyp bolan türgeni taýýarlan tälimçi-mugallyma nobatsyz, bilimine we iş döwrüne garamazdan ýokary hünär derejesini bermek barada Topar tarapyndan çözgüt kabul edilip bilner.
22. Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine hünär derejeleri 5 (bäş) ýyl möhlet bilen berilýär. Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine berlen hünär derejesiniň möhleti gutarmanka, nobat boýunça gelýän indiki hünär derejesine bildirilýän talaplary ýerine ýetiren halatynda, nobatdaky hünär derejesini almak üçin resminamalaryny hödürläp biler.
23. Hünär dereje birnäçe tälimçi-mugallymlaryň şol bir türgeni taýýarlandygy üçin berilmeýär, şu aşakdaky sportuň görnüşleri muňa girmeýär:
1) sportuň oýun görnüşleri;
2) welosiped sporty;
3) sport gimnastikasy;
4) çeper gimnastikasy;
5) figuralaýyn typmak;
6) suwa bökmek.
24. Topar tarapyndan Bedenterbiýe we sport hünärmene hünär derejesini bermek hakynda çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, şol kabul edilen çözgüdiň esasynda hünär derejesini bermek hakynda Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministri tarapyndan buýruk çykarylýar.
25. Topar tarapyndan Bedenterbiýe we sport hünärmenine hünär derejesini bermek hakynda çözgüt esasynda degişli buýruk çykarylanyndan soň 5 (bäş) iş gününiň dowamynda Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine Hünär derejesiniň

berlendigi hakynda şahadatnama (mundan beýläk – şahadatnama, şu Tertibe 3-nji goşundy) berilýär. Berlen şahadatnamanyň nusgasy Bedenterbiýe we sport hünärmenleriň şahsy jiltinde saklanylýar. Berlen şahadatnamalar Hünär derejesiniň berlendigi hakynda şahadatnamalary hasaba alyş kitabynda (şu Tertibe 4-nji goşundy) bellik edilýär.

26. Şahadatnama Türkmenistanyň çäginde hereket edýär. Şu Tertibiň ýigrimi dördünji bölegine laýyklykda Hünär derejesini bermek hakynda buýruk, onuň gol çekilen gününden güýje girýär.

27. Ministrlik, Bedenterbiýe we sport hünärmenlerine berlen hünär derejeleri boýunça zähmete hak tölemegiň möçberlerini kesgitleýän zähmet haklarynyň (tarif möçberleri) çyzgydyny işläp taýýarlaýar hem-de Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen ylalaşyp bellenen tertipde tassyklaýar.

Bedenterbiýe we sport
hünärmenlerine hünär
derejelerini bermegiň
tertibine we şertlerine
1-nji goşundy

**Tälimçi-mugallymlaryň türgenleri taýýarlandygy hakynda kepilnama**

___________________________________________

(tälimçi-mugallymyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

| T/b | Taýýarlan türgeniniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan ýyly | Türgen bilen işlän iş döwri | Tassyklaýjy resminama (buýruk) | Türgeniň soňky 2 ýylda görkezen sport netijesi | Türgeniň hasaba alnan ýeri (onuň başga tälimçä geçirilendigi barada maglumatlar) | Tassyklaýjy resminama |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

Ýolbaşçysy: ____________ ____________________

*(iş ýeri we wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

M. ý.

Bedenterbiýe we sport
hünärmenlerine hünär
derejelerini bermegiň
tertibine we şertlerine
2-nji goşundy

**Hünär synagynda bedenterbiýe we sport hünärmenlerine bildirilýän talaplar**

1. Şu Talaplar tälimçi-mugallymlara, instruktor-usulyýetçilere (metodistlere) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenlerine degişlidir.

2. Ýokary hünär derejeli tälimçi-mugallymyna bildirilýän talaplar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) bedenterbiýe we sport ugry boýunça orta hünär we/ýa-da ýokary hünär biliminiň bolmagy;

2) öz hünäri boýunça 5 (bäş) ýyldan az bolmadyk iş döwründe hünär derejesini ýokarlandyrmak bilen bagly gurnalýan okuwlary (seminar-maslahatlary) geçen bolmagy hem-de birinji hünär derejesiniň bolmagy;

3) taýýarlan türgeni bilen 2 (iki) ýyl işlän bolmagy we soňky 2 (iki) ýylyň dowamynda aşakdaky talaplaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy:

a) Olimpiýa oýunlarynda, Paralimpiýa oýunlarynda we Surdlimpiýa oýunlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-10-njy orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 2 (iki) türgeni gatnaşyjy bolmagy;

b) Aziýa oýunlarynda, talyplaryň arasynda geçirilýän Uniwersiadalarda, Surdlimpiýa oýunlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-8-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

ç) ýaşlaryň arasynda geçirilýän Olimpiýa oýunlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-4-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-8-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

d) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girýän sport görnüşler boýunça dünýä çempionatlarynda we kuboklarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 3 (üç) türgeni gatnaşyjy bolmagy;

e) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girýän sport görnüşler boýunça Aziýa çempionatlarynda, talyplaryň arasynda geçirilýän dünýä çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-4-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-10-njy orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

ä) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girýän sport görnüşler boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda dünýä çempionatlarynda we kuboklarynda ýeke-täk

sportuň görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 3 (üç) türgeni gatnaşyjy bolmagy;

f) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girýän sport görnüşler boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-4-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

g) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girmeýän sport görnüşler boýunça dünýä çempionatlarynda we kuboklarynda, talyplaryň arasynda geçirilýän Uniwersiadalarda hem-de dünýä çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-3-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 3 (üç) türgeni taýýarlan bolmagy;

h) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girmeýän sport görnüşler boýunça Aziýa çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-2-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-4-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

i) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girmeýän sport görnüşler boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda dünýä çempionatlarynda we kuboklarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-3-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

j) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girmeýän sport görnüşler boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-2-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-4-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

ž) maýyplygy bolan adamlaryň sport görnüşleri boýunça geçirilýän dünýä we Aziýa çempionatlarynda, maýyplygy bolan adamlaryň Bütindünýä ýörite olimpiýa oýunlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-4-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-10-njy orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

k) maýyplygy bolan adamlaryň sport görnüşleri boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda geçirilýän dünýä ýa-da Aziýa çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-10-njy orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy.

3. Birinji hünär derejeli tälimçi-mugallymyna bildirilýän talaplar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) bedenterbiýe we sport ugry boýunça orta hünär we/ýa-da ýokary hünär biliminiň bolmagy;

2) öz hünäri boýunça 5 (bäş) ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň hem-de ikinji hünär derejesiniň bolmagy;

3) taýýarlan türgeni bilen 2 (iki) ýyl işlän bolmagy we soňky 2 (iki) ýylyň dowamynda aşakdaky talaplaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy:

a) Aziýa oýunlarynda we Surdlimpiýa oýunlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-8-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy,

toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-10-njy orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

b) ýaşlaryň arasynda geçirilýän Olimpiýa oýunlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-10-njy orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

ç) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girýän sportuň görnüşleri boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda dünýä çempionatlarynda we kuboklarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-8-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 2 (iki) türgeni gatnaşyjy bolmagy;

d) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girýän sport görnüşler boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-6-njy orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 2 (iki) türgeni gatnaşyjy bolmagy;

e) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girýän sport görnüşler boýunça geçirilýän halkara sport ýaryşlarynda 1-2-nji orny eýelän 2 (iki) türgen taýýarlan bolmagy;

ä) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girmeýän sport görnüşler boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda dünýä çempionatlarynda we kuboklarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-5-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-8-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni gatnaşyjy bolmagy;

f) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girmeýän sportuň görnüşleri boýunça ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda Aziýa çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-3-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-4-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy;

g) maýyplygy bolan adamlaryň sport görnüşleri boýunça geçirilýän dünýä we Aziýa çempionatlarynda, maýyplygy bolan adamlaryň Bütindünýä ýörite olimpiýa oýunlarynda, ýaşlaryň Paralimpiýa oýunlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-8-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-12-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

h) ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda maýyplygy bolan adamlaryň sport görnüşi boýunça geçirilýän dünýä ýa-da Aziýa çempionatlarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-8-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-12-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

i) sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň çempionatlarynda (ýokary liga) we kuboklarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-nji orny eýelän 3 (üç) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-2-nji orny eýelän 3 (üç) türgeni taýýarlan bolmagy;

j) sportuň görnüşleri boýunça ýaşlaryň ýa-da ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň birinjiliklerinde ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-nji orny

eýelän 4 (dört) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-2-nji orny eýelän 4 (dört) türgeni taýýarlan bolmagy.

4. Ikinji hünär derejeli tälimçi-mugallymyna bildirilýän talaplar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) bedenterbiýe we sport ugry boýunça orta hünär we/ýa-da ýokary hünär biliminiň bolmagy;

2) öz hünäri boýunça 3 (üç) ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň bolmagy;

3) taýýarlan türgeni bilen 2 (iki) ýyl işlän bolmagy we soňky 2 (iki) ýylyň dowamynda aşakdaky talaplaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy:

a) Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girýän sportuň görnüşleri boýunça geçirilýän halkara sport ýaryşlarynda 3-nji orny eýelän 1 (bir) türgeni taýýarlan bolmagy;

b) sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň çempionatlarynda (ýokary liga) we kuboklarynda ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-2-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 1-3-nji orny eýelän 2 (iki) türgeni taýýarlan bolmagy;

ç) sportuň görnüşleri boýunça ýaşlaryň ýa-da ýetginjekleriň arasynda Türkmenistanyň birinjiliklerinde ýeke-täk sportuň görnüşleri boýunça 1-2-nji orny eýelän 3 (üç) türgeni taýýarlan bolmagy, toparlaýyn sportuň oýun görnüşleri boýunça 3-nji orny eýelän 3 (üç) türgeni taýýarlan bolmagy;

d) Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutyny, mugallymçylyk institutlarynyň bedenterbiýe fakultetini we bedenterbiýe we sport ugry boýunça ýörite orta hünär mekdebini tapawutlanan diplom bilen tamamlan we türgen wagty "Türkmenistanyň halkara derejeli sport ussady" we/ýa-da "Türkmenistanyň sport ussady" diýen ady bolan we 2 (iki) ýyldan köp bolmadyk möhletde işe başlan bolmagy.

5. Derejesiz tälimçi-mugallym – bedenterbiýe we sport ugry boýunça orta hünär we/ýa-da ýokary hünär bilimli bolmalydyr.

6. Ýokary hünär derejeli instruktor-usulyýetçilere (metodistlere) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenlerine bildirilýän talaplar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) bedenterbiýe we sport ugry boýunça orta hünär we/ýa-da ýokary hünär biliminiň bolmagy;

2) birinji hünär derejesiniň bolmagy;

3) degişli sportuň görnüşi boýunça işläp taýýarlan usuly gollanmalary iş tejribesine ornaşdyrylan bolmagy, şol sanda şu aşakda sanalyp geçilýän talaplaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy:

a) ýokary hünär okuw mekdeplerinde sportuň görnüşleri boýunça tälimçi-mugallym we/ýa-da mugallymçylyk wezipesinde 5 (bäş) ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň bolmagy;

b) birinji hünär derejeli bedenterbiýe we sport boýunça hünärmen, hem-de instruktor-usulyýetçi (metodist) wezipesinde 5 (bäş) ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň bolmagy.

7. Birinji hünär derejeli instruktor-usulyýetçilere (metodistlere) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenlerine bildirilýän talaplar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) bedenterbiýe we sport ugry boýunça orta hünär we/ýa-da ýokary hünär biliminiň bolmagy;

2) ikinji hünär derejesiniň bolmagy, şeýle hem aşakdaky talaplaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy:

a) Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginde bölüm başlygy ýa-da bölümiň başlygynyň orunbasary wezipesinde 5 (bäş) ýyl, bölümiň hünärmeni wezipesinde 6 (alty) ýyl işlän bolmagy;

b) Türkmenistanyň ýokary sport ussatlygy mekdebinde, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň Sport mekdebinde, ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýan sport mekdep-internatlarynda we Futbol boýunça geljekki olimpiýaçylaryň ýöriteleşdirilen çagalar-ýetginjekler sport mekdebinde ýolbaşçy wezipelerinde 5 (bäş) ýyl işlän ýa-da instruktor-usulyýetçi (metodist) wezipesinde 6 (alty) ýyl işlän bolmagy;

ç) Welaýat we Aşgabat şäher sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliklerinde ýolbaşçy wezipelerinde 5 (bäş) ýyl işlän ýa-da şäher we etrap sport we ýaşlar syýasaty bölümlerinde ýolbaşçy wezipelerinde 6 (alty) ýyl işlän bolmagy.

d) Welaýat we Aşgabat şäher sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleriniň garamagyndaky sport mekdepleriniň müdiri, orunbasarlary wezipelerinde 6 (alty) ýyl işlän ýa-da instruktor-usulyýetçi (metodist) wezipesinde 7 (ýedi) ýyl işlän bolmagy;

e) ýokary hünär okuw mekdeplerinde sportuň görnüşleri boýunça tälimçi-mugallym we/ýa-da mugallymçylyk wezipesinde 6 (alty) ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň bolmagy.

8. Ikinji hünär derejeli instruktor-usulyýetçilere (metodistlere) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmenlerine bildirilýän talaplar aşakdakylardan ybaratdyr:

1) bedenterbiýe we sport ugry boýunça orta hünär we/ýa-da ýokary hünär biliminiň bolmagy;

2) şeýle hem we aşakdaky talaplaryň haýsy hem bolsa biriniň bolmagy:

a) Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginde bölüm başlygy ýa-da bölümiň başlygynyň orunbasary wezipesinde 3 (üç) ýyl, bölümiň hünärmeni wezipesinde 4 (dört) ýyl işlän bolmagy;

b) Türkmenistanyň ýokary sport ussatlygy mekdebinde, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň Sport mekdebinde, ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýan sport mekdep-internatlarynda we Futbol boýunça geljekki olimpiýaçylaryň ýöriteleşdirilen çagalar-ýetginjekler sport mekdebinde ýolbaşçy wezipelerinde 3 (üç) ýyl işlän ýa-da instruktor-usulyýetçi (metodist) wezipesinde 4 (dört) ýyl işlän bolmagy;

ç) Welaýat we Aşgabat şäher sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirliklerinde ýolbaşçy wezipelerinde 3 (üç) ýyl işlän ýa-da şäher we etrap sport we ýaşlar syýasaty bölümlerinde ýolbaşçy wezipelerinde 4 (dört) ýyl işlän bolmagy;

d) Welaýat we Aşgabat şäher sport we ýaşlar syýasaty Baş müdirlikleriniň garamagyndaky sport mekdepleriniň müdiri, orunbasarlary wezipelerinde 4 (dört) ýyl işlän ýa-da instruktor-usulyýetçi (metodist) wezipesinde 3 (üç) ýyl işlän bolmagy;

e) ýokary hünär okuw mekdeplerinde sportuň görnüşleri boýunça tälimçi-mugallym we/ýa-da mugallymçylyk wezipesinde 4 (dört) ýyldan az bolmadyk iş döwrüniň bolmagy.

9. Derejesiz instruktor-usulyýetçi (metodist) hem-de beýleki bedenterbiýe we sport hünärmen – bedenterbiýe we sport ugry boýunça orta hünär we/ýa-da ýokary hünär bilimli bolmalydyr.

10. Şu Talaplaryň ikinji-dokuzynjy böleklerinde görkezilen bedenterbiýe we sport hünärmenleri Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, "Bedenterbiýe we sport hakynda", "Bilim hakynda", "Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda", "Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryny, Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň we ösdürmegiň döwlet maksatnamalaryny, beýleki bedenterbiýe we sport çygryndaky kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem okuw-türgenleşik işlerinde ýerine ýetirmeli howpsuzlyk kadalaryny, sport boýunça okuw-türgenleşik işlerini guramaklygyň ulgamyny, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny, daşky gurşawy goramak, ýangyn howpsuzlyk we sanitariýa-gigiýena kadalaryny bilmelidirler.

Bedenterbiýe we sport
hünärmenlerine hünär derejelerini
bermegiň tertibine we şertlerine
3-nji goşundy

# TÜRKMENISTANYŇ
# SPORT WE ÝAŞLAR SYÝASATY
# MINISTRLIGI

# Ş A H A D A T N A M A

№________ Berlen senesi______________

Hünär synag topary tarapyndan hünär derejesini bermek hakynda
20__-nji ýylyň «____» ________ çykaran ________ belgili çözgüdine
laýyklykda,
Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministriniň
20__-nji ýylyň «____» ________ çykaran ________ belgili buýrugy
esasynda:

_______________________________________________

*(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

«__________________» hünär derejesi berildi.

**Türkmenistanyň**

**Sport we ýaşlar syýasaty ministri** __________ ____________

*(goly)* *(ady, familiýasy)*

Bedenterbiýe we sport
hünärmenlerine hünär derejelerini
bermegiň tertibine we şertlerine
4-nji goşundy

**Hünär derejesiniň berlendigi hakynda şahadatnamalary hasaba alyş kitaby**

| T/b | Hünär derejesi berleniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Hünär derejesi berleniň wezipesi we oňa berlen hünär derejesi | Toparyň çykaran çözgüdiniň kabul edilen senesi | Hünär derejesini bermek hakynda buýrugyň belgisi we senesi | Şahadatnamanyň belgisi we berlen senesi | Şahadatnama berleniň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | | |
| 2. | | | | | | |
| 3. | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji ýylyň 30-njy iýulynda 1629 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy.